Türkmenistanyň
Daşky gurşawy goramak
ministriniň 2025-nji ýylyň 11–nji
oktýabryndaky 241-Ö belgili
buýrugy bilen tassyklandy

# Döwlet tebigy goraghalary hakynda birkysmy düzgünnama

## I bap. Umumy düzgünler

1.Şu döwlet tebigy goraghanalary hakynda birkysmy düzgünnama (mundan beýläk - Düzgünnama) “Aýratyn goralýan tebigy ýerler hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 7-nji maddasynyň birinji bölegine we 20-nji maddasynyň dördünji bölegine laýyklykda işlenip taýýarlandy.

2.Şu Düzgünnama ösümlik we haýwanat dünýäsiniň genetik goruny, meňzeş we täsin ekologik hem-de geologik ulgamlary we landşaftlary gorap saklamak we öwrenmek, tebigy ýagdaýlaryň we hadysalaryň tebigy akymlaryny üpjün etmek üçin degişli şertleri döretmek, daşky gurşawy goramagyň ylmy esaslaryny işläp düzmek maksady bilen döredilýän döwlet tebigy goraghanalaryň (mundan beýläk – Goraghanalar) işini guramagyň hukuk esaslaryny kesgitleýär we onuň kadalarynyň goraghanalar tarapyndan ýerine ýetirilmegi hökmanydyr.

3.Şu Düzgünnamanyň maksatlary üçin “Aýratyn goralýan tebigy ýerler hakynda” Türkmenistanyň Kanunynda (mundan beýläk –Kanun) ulanylýan düşünjeler ulanylýar.

4.Goraghanalar öz işlerinde Türkmenistanyň Konstitusiýasyny, “Aýratyn goralýan tebigy ýerler hakynda” Türkmenistanyň Kanunyny, Türkmenistanyň Prezidentiniň namalaryny, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň kararlaryny, goraghananyň işini düzgünleşdirýän Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryny, Türkmenistanyň halkara şertnamalaryny, öz Tertipnamasyny we şu Düzgünnamany goldanýarlar.

5.Goraghanalar ýuridik şahs bolup, Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrliginiň hödürnamasy boýunça Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň karary bilen tebigaty goramagyň döwlet edarasy görnüşinde döredilýär. Degişli ýeri döwlet tebigy goraghana diýip yglan etmek hakyndaky çözgüt Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen

tertipde olary peýdalanyjylardan we eýelerinden degişli ýer bölekleriniň (suw obýektleriniň) alynmagyna eltýär.

6.Goraghanalaryň hukuk salgysy hökmünde onuň ýerleşýän ýerini kesgitleýän, Ýuridik şahslaryň ýeke-täk döwlet sanawyna resmi ýagdaýynda bellige alnan we şoňa girizilen salga düşünilýär. Goraghanalaryň diňe bir hukuk salgysy bolup biler.

7.Goraghanalar öz işinde möhüri, möhürçeleri we resmi kagyzlary ulanýarlar. Goraghanalaryň möhürinde, möhürçelerinde we resmi kagyzlarynda olaryň resmi ady görkezilýär. Goraghanalaryň möhürlerinde we resmi kagyzlarynda Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrliginiň (mundan beýläk – Esaslandyryjy) ady we Türkmenistanyň Döwlet Tugrasynyň şekili Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde ýerleşdirilýär.

8.Goraghanalaryň pul serişdelerini saklamak we hasaplaşyk, karz hem-de kassa amallarynyň ähli görnüşlerini amala aşyrmak üçin Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda Türkmenistanyň karz edaralarynda bank hasaplaryny açmaga hukugy bardyr.

9.Goraghanalaryň düzüm gurluşy we dolandyrylyşy Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda kesgitlenýär.

10.Goraghanalar öz borçnamalary boýunça özüne degişli ähli emläk bilen jogap berýärler.

11.Goraghanalar iş möhletlerini görkezmezden (möhletsiz) ýa-da kesgitli möhlet bilen (möhletli) döredilýär. Goraghanalara ýer bölekleri olaryň çäklerinde ýerleşýän ähli tebigy toplumlar we görnüşler bilen bilelikde Türkmenistanyň ýer kanunçylygyna laýyklykda muzdsuz eýelik etmäge we peýdalanylmaga berilýär. Goraghanalaryň ýerden peýdalanmak hukuklary Türkmenistanyň ýer kanunçylygynda bellenilen tertipde, ýere eýelik etmäge we ondan peýdalanmaga hukuk berýän Döwlet namalaryny bermek arkaly resmileşdirilýär.

12.Goraghanalar şu Düzgünnama laýyklykda işlenip taýýarlanýan we Esaslandyryjy tarapyndan tassyklanylýan, olar hakyndaky Düzgünnamalaryň esasynda hereket edýärler.

## II bap. Goraghanalar we olaryň wezipeleri

13.Kanunyň 5-nji maddasyna laýyklykda, tebigy toplumlaryň we oýbektleriň ähmiýetine hem-de gymmatyna baglylykda Goraghanalar şu aşakdaky derejelere bölünýär:

1) ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna, ÝUNESKO-nyň biosfera Goraghanalarynyň Bütindünýä ulgamynyň sanawyna,

tebigaty goramagyň Halkara birleşiginiň Halkara sanawlaryna goşulan we goşmak üçin nazarda tutulýan, ekologik, ylmy, medeni, estetik, dynç alyş-sagaldyş nukdaý nazaryndan ajaýyp uniwersal gymmaty bolan halkara ähmiýetli aýratyn goralýan tebigy ýerler;

2) Türkmenistanyň çäklerinde aýratyn ekologik, ylmy, medeni, estetik, dynç alyş-sagaldyş ähmiýeti bolan döwlet ähmiýetli aýratyn goralýan tebigy ýerler;

3) welaýatyň, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäherleriň, etrabyň, etrap hukukly şäheriň, etrapdaky şäheriň, şäherçäniň, geňeşligiň anyk aýratyn ýerlerinde ekologik, ylmy, medeni, estetik, dynç alyş-sagaldyş ähmiýetli, ýerli ähmiýetli aýratyn goralýan tebigy ýerler.

14.Goraghanalaryň işiniň esasy ugurlaryna şular degişlidir:

1) Goraghanalaryň bütin tebigy toplumyny tebigy ýagdaýda saklamak arkaly biologik we genetik köpdürlüligi goramagyň we aýap saklamagyň düzgünini üpjün etmek;

2) Tebigatyň ýylýazgysyny ýöretmek;

3) ylmy barlaglary geçirmek, tebigy serişdeleriň goragyny we peýdalanylyşyny kämilleşdirmek boýunça ylmy taýdan esaslandyrylan maslahatlary taýýarlamak;

4) Goraghanalaryň ekologik ulgamyna ýaramaz täsir edip biljek hojalyk we beýleki obýektleriň taslamalarynyň we ýerleşdiriş çyzgylarynyň döwlet ekologik seljermesine gatnaşmak;

5) tebigaty goramak we goraghana işi babatda ylmy işgärleriň we hünärmenleriň taýýarlanylmagyna ýardam etmek;

6) ekologik aň-bilim işini geçirmek.

15. Goraghanalar Ykdysady işleriň görnüşleriniň döwlet klassifikatoryna laýyklykda işiň bir ýa-da birnäçe görnüşini amala aşyrmaga haklydyr.

16. Goraghanalar ygtyýarlandyrylmagy, sertifikatlaşdyrylmagy we beýleki rugsat beriji resminamalaryň alynmagy talap edilýän işleriň görnüşleri bilen, Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde ygtyýarnama, sertifikat we beýleki rugsat beriji resminamalary alandan soň meşgullanyp bilýärler.

## III bap. Goraghanalaryň gorag düzgüni

17. Goraghanalaryň çäginde goraghana düzgünleri bellenilýär we olarda şu aşakdakylar gadagan edilýär:

1) ýeriň gidrologik düzgünini üýtgedýän hereketler;

2) Goraghanalaryň işi bilen baglanyşykly bolmadyk jaýlary,

desgalary, ýollary, turba geçirijileri, elektrik geçiriji ulgamlary we beýleki kommunikasiýalary we obýektleri gurmak;

3) geologiýa-gözleg işleri we gazylyp alynýan peýdaly baýlyklary işläp taýýarlamak;

4) toprak örtügini bozmak, minerallaryň çykymlaryny bozmak we dag jynslarynyň üstüni ýalaňaçlamak;

5) tokaýdan peýdalanmagyň ähli görnüşleri, ot-iýmlik otlary, dermanlyk we beýleki ösümlikleri taýýarlamak, mal bakmak we ösümlik örtüginiň bozulmagyna getirýän ösümlik dünýäsinden peýdalanmagyň beýleki görnüşleri;

6) aw awlamak, balyk tutmak, haýwanlary tutmak we ýok etmek, haýwanlaryň ýaşaýan gurşawyny bozmak;

7) haýwanlaryň we ösümlikleriň täze görnüşleriniň öwrenişdirilmegi (aklimatizasiýasy) we öri meýdanlaryň tebigy sygyjylygyndan ugur alyp ýol berilýänden artyk haýwanlaryň aýry-aýry görnüşleriniň sanyny artdyrmak boýunça çäreleri geçirmek;

8) Goraghanalarda ylmy barlaglary ýerine ýetirmek üçin gerek bolan maglumatlardan başga kolleksiýa maglumatlary ýygnamak;

9) ekologiýa ulgamyna, biologik köpdürlülige ýaramaz täsir edýän himiki maddalary we jisimleri ulanmak;

10) öý haýwanlaryny sürmek, ulag serişdeleriniň umumy peýdalanylýan ýollaryň we suw ýollarynyň daşynda ondan-oňa hereketi;

11) bellenilen kadalardan ýokary geçýän emeli gelip çykyşly galmagal we akustik täsirler.

Ylmy we sanyny sazlaýyş maksatlar üçin Goraghanalaryň çäginde ýabany haýwanlary awlamaga (tutmaga) diňe Esaslandyryjy tarapyndan berilýän rugsatnamalar esaslarynda ýol berilýär.

18. Gorahnalarda şulara ýol berilýär:

1) ýaramaz antropogen täsirlerine sezewar edilýän tebigy toplumlaryň we tebigatyň aýry-aýry obýektlerini dikeltmek we üýtgemeleriň öňüni almak boýunça çäreleri amala aşyrmak;

2) ýangyna garşy we sanitariýa çärelerini geçirmek;

3) ylmy-barlag we beýleki maksatlaýyn wezipeleri ýerine ýetirmek üçin gerek bolan iş;

4) ekologik monitoringini amala aşyrmak (Tebigatyň ýylýazgysyny ýöretmek);

5) ekologiýa aň-bilim işini geçirmek.

19. Fiziki şahslaryň Goraghanalaryň ýerlerinde bolmagyna diňe rugsat beriji resminamalar bolan mahalynda ýol berilýär. Fiziki şahslaryň Goraghanalaryň ýerlerine barmagynyň düzgünleri

Esaslandyryjy tarapyndan tassyklanýar.

20. Daşary ýurt raýatlarynyň Goraghanalara barmagy ýerine ýetiriji häkimiýetiň gyzyklanma bildirýän edarasynyň haýyşnamasy boýunça Esaslandyryjy tarapyndan berilýän rugsatnama esasynda amala aşyrylýar.

## IV bap. Goraghanalarda ylmy-barlag işleri

21. Goraghanalarda ylmy-barlag işleri tebigy toplumlary, tebigatyň aýry-aýry obýektlerini, ekologik ýagdaýlara baha bermek we çaklamak, tebigaty goramagyň ylmy esaslaryny işläp taýýarlamak, biologik köpdürlüligi aýap saklamak, ekologik ulgamlary we döwlet goraghana gaznasynyň obýektlerini dikeltmek maksady bilen, “Tebigatyň ýylýazgysy” maksatnamasy boýunça tebigy prosesleriň, monitoringiniň ösüşini öwrenmek boýunça stasionar we beýleki syn etmeler, synag işleri arkaly amala aşyrylýar.

22. Goraghanalarda ylmy-barlag işlerini geçirmek üçin ylmy işgärleriň degişli wezipesi bilen ylmy düzüm birlikleri döredilýär. Ylmy düzüm birlikleriniň işiniň esasy ugurlary Esaslandyryjy tarapyndan tassyklanýar.

23. Ylmy işgärleriň ylmy-barlaglarynyň meýilnamalaryna, hasabatlaryna garamak üçin Goraghanalarda Ylmy-tehniki geňeş döredilýär, olaryň düzümine beýleki ylmy edaralaryň ylmy işgärleri we hünärmenleri girip biler.

## V bap. Goraghanalaryň ekologiýa aň-bilim işleri

24. Goraghanalaryň ekologiýa aň-bilim işi ekologiýa bilimini döretmek we ösdürmek, tebigy gurşawy, biologik köpdürlüligi aýap saklamak we Goraghana işini ösdürmek üçin ilatyň ekologik bilimini, terbiýesini we medeniýetini kemala getirmek we ösdürmek maksady bilen amala aşyrylýar.

25. Goraghanalaryň ekologiýa aň-bilim işleri Esaslandyryjy bilen ylalaşylyp, Goraghanalaryň Ylmy-tehniki geňeşi tarapyndan goraghanalarda we gorag zolaklarynda bellenilen düzgünlerden ugur alnyp, tassyklanýan meýilnamalara laýyklykda amala aşyrylýar.

26. Ekologiýa aň-bilim ýaýradyş işleri Goraghanalaryň Ylmy bölümi tarapyndan guralýar.

27. Goraghanalaryň ekologiýa aň-bilim ýaýradyş işleri şu aşakdakylar tarapyndan amala aşyrylyp bilner:

1) Ylmy bölümiň işgärleri;

2) Goraghanalaryň beýleki bölümleriniň daşky gurşawy goramak, ekologiýa, Goraghanalaryň işleri boýunça işine ussat işgärleri;

3) beýleki guramalardan we jemgyýetçilik birleşiklerinden hünärmenleri çekmek arkaly.

28. Goraghanalaryň Ylmy bölüminde ekologiýa aň-bilim ähmiýetli usulyýet maglumatlar we muzeý gaznalary, şeýle hem neşir, mahabat-neşirýat, çeper, ylmy, foto we wideo önümleri döredilip we saklanylyp bilner. Ekologiýa aň-bilim ýaýradyş çärelerini geçirmek üçin Goraghanalarda merkezler, muzeýler, ekspozisiýalar, görkeziş meýdançalary we beýleki obýektler döredilip bilner.

## VI bap. Goraghanalaryň gorag zolaklary

29. Amatsyz daşky täsirlerden aýratyn goragy we goralyp saklanylmagyny üpjün etmek üçin Goraghanalaryň töwereginde gorag zolaklary döredilýär.

30. Goraghanalaryň gorag zolagyny döretmek, onuň ölçegleri, serhetleri hakyndaky karar onuň derejesine laýyklykda şu aşakdakylar tarapyndan kabul edilýär:

1) halkara we döwlet ähmiýetli – Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrliginiň teklipnamasy boýunça Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan;

2) ýerli ähmiýetli – Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrligi bilen ylalaşmak boýunça ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralary tarapyndan.

31. Gorag zolagyny bellemek hakynda karar Goraghanalaryň döredilmegi bilen bir wagtda kabul edilýär. Gorag zolagynyň ýerini yglan etmek hakynda karar degişli ýer bölekleriniň (suw obýektleriniň) eýelerinden we peýdalanyjylaryndan olaryň alynmagyna eltmeýär.

32. Goraghanalaryň gorag zolaklarynda şular gadagan edilýär:

1) täze ilatly ýerleri döretmek we bar bolanlaryny giňeltmek;

2) obýektleri ýerleşdirmek, taslamak, gurmak we ulanmak, döwlet tebigy goraghanasynyň ekologik ulgamlaryna ýaramaz täsir edýän täze tehnologiýalary ornaşdyrmak;

3) haýwanat we ösümlik dünýäsi üçin zäherli awuly himikatlary, dökünleri we gerbisidleri ulanmak bilen intensiw görnüşlerde oba we tokaý hojalygyna ornaşdyrmak;

4) galyndylary ýerleşdirmek, atmosfera we suw çeşmelerine hem-de topraga hapalaýjy maddalary we hapa suwlary dökmek;

5) gazylyp alynýan peýdaly baýlyklary çykarmak;

6) höwesjeň, sport we senagat taýdan aw awlamak;

7) radioaktiw materiallary we senagat galyndylaryny gömmek;

8) döwlet tebigy goraghanasynyň ekologiýa ulgamlarynyň gidrologik düzgünini üýtgetmäge ukyply iş (suwlaryň tebigy akymyny bes etmäge ýa-da azaltmaga getirýän bentleriň, gaçylaryň, gidrotehniki desgalaryň we beýleki obýektleriň gurluşygy);

9) ýabany haýwanlaryň we ýabany ösýän ösümlikleriň keseki görnüşleriniň introduksiýasy;

10) döwlet tebigy goraghanasynyň ekologik ulgamlaryna zyýanly täsir edýän başga iş.

33. Goraghanalaryň gorag zolaklarynyň çäklerinde Goraghanalaryň ekologik ulgamlarynyň ýagdaýlaryna ýaramaz täsirler etmeýän hojalyk işleriniň dürli görnüşleri amala aşyrylyp bilner:

1) tokaý-hojalyk işi;

2) mallaryň bakylmagyny we ot orulmagyny goşup, däp bolan ýerden peýdalanmak, şeýle hem biologik köpdürlüligiň uzak wagtlap abat saklanylmagyny we şeksizligini üpjün etmegiň ýerlerinde başga iş.

3) syýahatçylyk we dynç alyş-sagaldyş işi;

4) mineral suwlary, balneologik we klimat serişdelerini peýdalanmak;

5) senagat taýdan balyk tutmak, höwesjeň we sport balykçylygy;

6) ýangynlary söndürmek boýunça ýerüsti we awiasiýa işlerini geçirmek;

7) bozulan ýerleriň rekultiwasiýasy;

8) tokaý we beýleki ösümlik bileleşiklerini dikeltmek;

9) ýabany haýwanlaryň ýaşaýan gurşawyny we sanyny dikeltmek;

10) Türkmenistanyň kanunçylygynda gadagan edilmedik işiň beýleki görnüşleri.

## VII bap. Goraghanalaryň goragy

34. Goraghanalaryň goragy - Goraghanalaryň çäginde Türkmenistanyň tebigaty goramak kanunçylygynyň bozulmalaryny ýüze çykarmak we olaryň öňüni almak boýunça geçirilýän çäreleriň toplumy bolup, ol Goraghanalaryň çäginde ýer we suw serişdelerini hem-de biologik köpdürlüligi goramak, ýangynlaryň öňüni almak we ýüze çykarmak maksady bilen gözegçilik edilmegini öz içine alýar.

35. Goraghanalaryň çäginde ýangynlaryň öňüni almak, ýüze çykarmak we aradan aýyrmak ýangyn howpsuzlygy hakynda Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda geçirilýär.

36. Goraghanalaryň we olaryň gorag zolaklarynyň goragy Goraghanalaryň Gorag bölümi (mundan beýläk-Gorag bölümi) tarapyndan amala aşyrylýar. Gorag bölümi öz işini Goraghanalaryň direktory tarapyndan tassyklanýan düzgünnama laýyklykda alyp barýar. Gorag bölümi Goraghanalaryň tutuş çäginde gorag işlerini amala aşyrýar. Gorag bölüminiň döwlet inspektorlary gorag işlerini degişli hukuk goraýjy edaralar bilen bilelikde amala aşyrmaga hukugy bardyr. Gorag bölüminiň döwlet inspektorlary gulluk borçlaryny ýerine ýetirenlerinde daşky gurşawyň goragyna döwlet gözegçiligini amala aşyrýan edaralaryň wezipeli adamlarynyň hukuklaryndan peýdalanýarlar.

37. Döwlet inspektorlary şu aşakdaky hukuklara eýedirler:

1) Goraghanalaryň meýdanlarynda bolýan adamlaryň bu ýerlerde bolmaga hukuk berýän rugsatnamalaryny barlamaga;

2) aýratyn goralýan tebigy ýerler ulgamynda Türkmenistanyň kanunçylygynyň berjaý edilişini barlamak üçin Goraghanalaryň çäklerinde we olaryň gorag zolaklarynda ýerleşýän ýuridik we fiziki şahslaryň islendik desgalaryna päsgelçiliksiz barmaga;

3) aýratyn goralýan tebigy ýerler ulgamynda Türkmenistanyň kanunçylygynyň bozulmalary ýüze çykarylanda ýuridik we fiziki şahslaryň işlerini togtatmaga;

4) aýratyn goralýan tebigy ýerler babatda Türkmenistanyň kanunçylygynyň bozulmalary netijesinde tebigata ýetirilen zyýanlaryň möçberlerini kesgitlemäge we bularyň esasynda bu zyýanlaryň meýletin öwezini dolmak hakynda nägilelikleri günäkär adamlara bildirmäge ýa-da olar babatda kazyýete arza bermäge;

5) Türkmenistanyň kanunçylygynyň bozulmalary ýüze çykarylan ýagdaýlarynda administratiw hukuk bozulma hakynda teswirnamalary düzmäge we resminamalary ygtyýarly edaralara ýollamaga;

6) aýratyn goralýan tebigy ýerler babatda Türkmenistanyň kanunçylygyny bozan şahslary saklamaga we olary hukuk goraýjy edaralaryna eltmäge;

7) ulag we ýüzüji serişdeleri saklamaga, olary gözden geçirmäge;

8) aýratyn goralýan tebigy ýerler babatda Türkmenistanyň kanunçylygyny bozan ýuridik we fiziki şahslardan ok atýan ýaraglary, bikanun alnan önümlerini we olary awlamagyň gurallaryny Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde almaga;

9) Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde gulluk ýaraglaryny saklamaga, götermäge we ulanmaga;

10) Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde bir ülňüli eginbaş geýmäge.

38. Döwlet inspektorlary Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde Türkmenistanyň döwlet býujetiniň hasabyna bir ülňüli eginbaş we gulluk ýaragy bilen üpjün edilýärler.

## VIII bap. Goraghanalary dolandyrmak

39. Goraghanalara Esaslandyryjy tarapyndan Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde wezipä bellenilýän we wezipeden boşadylýan direktor ýolbaşçylyk edýär.

40.Goraghanalarda işler bir ýyllyk we bäş ýyllyk iş meýilnamalaryna laýyklykda alnyp barylýar, meýilnamalar Esaslandyryjy tarapyndan tassyklanýar.

41. Goraghanalaryň direktory:

1) Goraghananyň adyndan hereket edýär hem-de döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralarynyň ählisinde, edaralarda, kärhanalarda, guramalarda, kazyýet edaralarynda onuň bähbitlerine wekilçilik edýär;

2) işgärleri wezipä belleýär we wezipeden boşadýar (Esaslandyryjy tarapyndan wezipä bellenýän we wezipeden boşadylýan işgärler muňa degişli däl), şeýle hem işleriň aýry-aýry görnüşlerini, şol sanda wagtlaýyn we möwsümleýin görnüşlerini ýerine ýetirmek üçin möhletli zähmet şertnamalaryny baglaşýar;

3) Goraghananyň işgärleriň wezipe borçlaryny tassyklaýar;

4) Türkmenistanyň kanunçylygyna we şu Düzgünnama laýyklykda Goraghananyň işleriniň ähli ugurlary boýunça şertnamalary baglaşýar;

5)Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen çäklerde Goraghananyň emläklerini we serişdelerini dolandyrýar;

6) bellenilen tertipde Goraghananyň işgärlerine tertip-düzgün temmilerini berýär we maddy hem-de höweslendirme çärelerini ulanýar;

7) Goraghananyň adyndan ynanç hatlary berýär;

8) Goraghananyň işgärleri tarapyndan ýerine ýetirilmegi üçin hökmany bolan buýruklary çykarýar we görkezmeleri berýär, içki zähmet düzgün-nyzamynyň kadalaryny tassyklaýar;

9) şu birkysmy Düzgünnama laýyklykda kabul edilýän Goraghananyň düzgünnamasyna laýyklykda beýleki wezipeleri we ygtyýarlyklary amala aşyrýar.

42. Goraghanalaryň direktory degişli Goraghananyň meýdanlarynda tebigaty goramak boýunça baş döwlet inspektory bolup durýar, Goraghananyň direktorynyň orunbasary tebigaty goramak boýunça baş döwlet inspektorynyň orunbasary bolup durýar.

43. Goraghanalaryň işgärleriniň wezipe sanawy Esaslandyryjy bilen ylalaşmak arkaly Goraghanalaryň direktory tarapyndan tassyklanylýar.

44. Düzgünnamalaýyn wezipelerini ýerine ýetirmek maksady bilen Goraghanalarda Ylmy we Gorag bölümleri döredilýär.

## IX bap. Goraghanalaryň borçlary we hukuklary

45. Goraghanalaryň borçlaryna şular degişlidir:

1) daşky gurşawy goramak we tebigy baýlyklary durnukly peýdalanmak, goraghanalaryň işi boýunça Milli maksatnamalarynyň taýýarlanyşyna, tebigaty goramak kanunçylygyny kämilleşdirmek işine gatnaşmak;

2) daşky gurşawy, ekologik biodürliligi goramak, tebigy baýlyklary durnukly peýdalanmak babatda döwlet ekologiki syýasatyny durmuşa geçirmek;

3) Goraghanalaryň ähli ekoulgamlarynyň, ösümlik we haýwanat dünýäsiniň, şol sanda Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizilen görnüşleriň goralyşyna döwlet gözegçiligi amala aşyrmak;

4) Goraghanalaryň tabynlygyndaky meýdanlaryň ösümlik we haýwanat dünýäsini gorap saklamak hem-de ekoulgamlary dikeltmek bilen b agly işleri talabalaýyk guramak;

5)Esaslandyryjynyň Goraghanalaryň işi boýunça buýruklaryny, gözükdirijilerini we görkezmelerini ýerine ýetirmek;

6) Goraghanalaryň işini tassyklanan iş meýilnamasyna laýyklykda alyp barmak;

7) Goraghanalaryň ygtyýarlygyna girýän sebitde daşky gurşawy, ösümlik we haýwanat dünýäsini goramak, aýratyn goralýan tebigy ýerler babatda kanunçylygyň we Goraghanalaryň düzgünnamasynyň talaplarynyň bozulmagynyň öňüni almak.

8) “Tebigat ýyl ýazgysynyň” ýöredilişini üpjün etmek, Goraghanalaryň meýilnamasy esasynda daşky gurşawy, ösümlik we

haýwanat dünýäsini goramak babatda ylmy-barlag işleriniň alnyp barylmagyny üpjün etmek;

9)daşky gurşawy goramak boýunça ýerli ilatyň arasynda we köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde wagyz-nesihat işlerini alyp barmaklyga guramak;

10) daşky gurşawy goramak babatda kanunlaryň we kadalaşdyryjy hukuk namalaryň işlenip taýýarlanyşyna gatnaşmak;

11) Goraghanalaryň meýdanlarynda ýangyn howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça degişli çäreleri geçirmek;

12) Pudagara meýilnamalara laýyklykda tebigaty goramak kanunlaryň berjaý edilişine gözegçilik etmek maksady bilen, degişli edaralar bilen hyzmatdaşlykda bolup, bilelikdäki işleri guramak;

13) Goraghanalaryň işgärleriniň hünär derejesini ýokarlandyrmak boýunça işleri guramak.

46. Düzgünnamalaýyn wezipelerini ýerine ýetirmek üçin Goraghanalaryň aşakdaky hukuklary bardyr:

1) Goraghanalaryň işleriniň ugurlary boýunça şertnamalary baglaşmaga;

2) Goraghanalaryň bähbitlerini goramak maksady bilen kazyýetlerde hak isleýji we(ýa-da) jogap beriji bolup çykyş etmäge;

3) Esaslandyryjy bilen ylalaşmak arkaly talap ediş möhleti geçen algy-bergilerini özüniň zeleliniň ýa-da peýdasynyň hasabyna öçürmäge,

4)Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde we Esaslandyryjy bilen ylalaşmak arkaly könelişen, hatardan çykan, zaýalanan, abatlanylmaga we ulanylmaga ýaramsyz we könelen esasy serişdeleri hasabyndan öçürmäge;

5) Esaslandyryja Goraghanalaryň işini, maddy-tehniki binýadyny gowulandyrmak barada tekliplerini bermäge;

6) Türkmenistanyň kanunçylygyna we Goraghanalaryň düzgünnamasyna laýyklykda beýleki hukuklary amala aşyrmaga.

## X bap. Goraghanalary maliýeleşdirmek

47. Goraghanalar Türkmenistanyň döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirilýär.

48. Goraghanalaryň işleri goşmaça şu aşakdakylardan alynýan serişdeleriň hasabyna maliýeleşdirilýär:

1) tebigaty goraýyş, mahabat-neşirýat we ekologiýa aň-bilim ýaýradyş işlerinden gelýän girdejileriň;

2) tebigy toplumlara, ösümlik we haýwanat dünýäsine we görnüşlere ýetirilen zyýanyň öwezini dolmagyň hasabyna gelýän pul serişdeleriň;

3) aw awlamagyň we balyk tutmagyň muzdsuz alnan gurallaryny ýerlemekden, bikanun alnan önümi satmakdan alnan gelip gowuşmalaryň;

4) ýuridik we fiziki şahslaryň grantlarynyň, meýletin gatançlaryň;

5) fiziki şahslaryň Goraghanalaryň çäklerine barmak we tebigy serişdelerden peýdalanmak üçin rugsatnamalaryň berilmeginden alnan pul serişdeleriň;

6) Türkmenistanyň kanunçylygynda gadagan edilmedik beýleki çeşmelerden gelen serişdeleriň.

## XI bap. Goraghanalaryň emlägi

49. Goraghanalaryň emlägi onuň hasabynda durýan esasy, dolanyşyk serişdelerinden we gaýry maddy gymmatlyklardan ybaratdyr.

50. Esaslandyryjy tarapyndan berilýän pul we maddy serişdeler, öndürilen önümleri, ýerine ýetirilen işleri we hyzmatlary ýerlemekden alynan peýda, banklaryň karz pul serişdeleri we Türkmenistanyň kanunçylygynda gadagan edilmedik gaýry serişdeler Goraghanalaryň maliýe serişdelerini döremeginiň çeşmesi bolup durýar.

51. Goraghanalar Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda salgytlary we beỳleki hökmany tölegleri döwlet býüjetine tölüninden soňky galan peỳdadan degişli gorlary döredýär we peýdalanýar. Goraghanalaryň hojalyk işi buýrujylar, sarp edijiler bilen baglaşylan şertnamalar esasynda amala aşyrylýar. Goraghanalaryň esaslyk gory ýok.

## XII bap. Hasap, hasabatlylyk we gözegçilik

52. Goraghanalaryň buhgalter we statistiki hasaby we hasabatlylygy buhgalterçilik hasaba alnyşy we maliýe hasabatlylygy hakynda Türkmenistanyň kanunçylygyna laỳyklykda amala aşyrylỳar.

53. Goraghanalaryň maliỳe ỳyly senenama ỳyly bilen gabat gelỳär.

54.Goraghanalaryň işine gözegçilik Türkmenistanyň kanunçylygyna laỳyklykda ygtyýarly guramalar tarapyndan we ýylda bir gezekden ýygy bolmadyk ýagdaýda Esaslandyryjy tarapyndan amala aşyrylýar.

## XIII bap. Önümçilik - hojalyk işleri

55. Goraghanalar önümçilik-hojalyk işleriniň meýilnamalaryny düzýärler we Esaslandyryjy bilen ylalaşyp tassyklaýarlar.

56. Goraghanalar daşary ykdysady işler Esaslandyryjynyň razyçylygy bilen amala aşyrýarlar.

57. Goraghanalar garamagyndaky önümçilikleriň emläginiň, ýangyç we çalgy ýaglarynyň, maddy serişdeleriniň we tehniki-ykdysady resminamalaryň hasabyny ýöredýärler.

## XIV bap. Zähmet gatnaşyklary

58. Goraghanalaryň işgärleri bilen zähmet gatnaşyklary Türkmenistanyň Zähmet kodeksine laýyklykda amala aşyrylýar.

59. Goraghanalaryň işgärlerine Türkmenistanda bellenen iň pes zähmet hakynyň möçberinden az bolmadyk zähmet haky, durmuş goraglylygy hem-de işleriň howpsuz şertleri üpjün edilýär.

## XVI bap. Jemleýji düzgünler

60. Goraghanalary döretmek, üýtgedip guramak we olaryň işini bes etmek Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda amala aşyrylýar.

61. Şu Düzgünnama bilen düzgünleşdirilmedik beýleki gatnaşyklar Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen düzgünleşdirilýär.